THE ASHGABAT TIMES

# Türkmenistanyň Döwlet Energetika Institutynyň talyplary nazary mehanika dersinden XIX Halkara Olimpiadasynda ajaýyp üstünlik gazandylar

Türkmenistana wekilçilik eden üç talyp: **Ataýewa Dursunjemal, Ýazjumaýewa Aýna** we **Azadowa Mähriban,** hem şahsy, hem-de toparlaýyn bäsleşikde üstünlikli çykyş etdiler.

Şahsy bäsleşikde Aýna bilen Dursunjemal üçünji orny eýelediler. Toparyň umumy üstünliklerine görä, Türkmenistanyň Döwlet Energetika Institutynyň topary bäsleşikde üçünji orny gazandy. Olimpiadada jemi 110-dan gowrak talyp gatnaşdy we 25 ýokary okuw mekdebi wekilçilik etdi. Bu abraýly çärä Belorussiýanyň Gomel şäherinde, Belarus Döwlet Ulag Uniwersiteti tarapyndan 9–13-nji aprel aralygynda gurnalyp geçirildi.

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026

Türkmenistanyň Döwlet Energetika Institutynyň talyplary nazary mehanika dersinden XIX Halkara Olimpiadasynda ajaýyp üstünlik gazandylar



Все права защищены

Bäsleşik iki tapgyrdan geçdi. Şahsy bäsleşikde talyplara nazary mehanikanyň statika, kinematika we dinamika ugurlary boýunça 8 mesele hödürlenip, her mesele üçin ýarym sagat, jemi 4 sagat wagt berildi. Toparlaýyn breýn-ring bäsleşiginde bolsa, 30 meseläni çözmek üçin bir sagat wagt bellenildi.

Türkmenistanly talyplaryň bu üstünliklerine ýolbaşçy bolup, olar bilen bile bäsleşige gatnaşan Gylyçgeldiýewa Gyzylgül we Batmanow Jumanazar mugallymlar uly rol oýnadylar. Şeýle hem, iň ýokary netijeleri eýýäm iki ýyl bäri Hytaý Halk Respublikasynyň talyplarynyň gazanýandygyny bellemek zerurdyr.

Türkmenistanyň Döwlet Energetika Institutynyň talyplary bilim we zehinlerini dünýä derejesindäki abraýly olimpiada arkaly görkezip, Türkmenistanyň bilim ulgamynyň ösüşini we ýokary derejesini nobatdaky gezek subut etdiler. Bu üstünlik diňe bir talyplara däl, eýsem, Türkmenistana-da uly buýsançdyr.

Все права защищены

THE
ASHGABAT
TIMES

Türkmenistanyň Döwlet Energetika Institutynyň talyplary nazary mehanika dersinden XIX Halkara Olimpiadasynda ajaýyp üstünlik gazandylar



BelSUT

Republic of Belarus

Belarusian State University of Transport

XIX INTERNATIONAL ENGINEERING
MECHANICS CONTEST

DIPLOMA
of the III place

for the university team result
in the theoretical competition
is awarded to the team of

State Energy Institute of Turkmenistan

Rector N.N.Kazakov

11.04.2025

Все права защищены